# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN MART AÝYNYŇ 8-i, 2025. №9


# TÜRKMENISTAN-GRUZIÝA: DÖWLETARA GATNAŞYKLARYNDA TÄZE DÖWÜR



Mälim bolşy ýaly, iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylda ýola goýuldy. Geçen döwrüň dowamynda özara hyzmatdaşlygyň baý tejribesi toplandy. Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk döwletara dialogyň möhüm ugry bolup durýar. Energetika, senagat, saglygy goraýyş ulgamlaryndaky özara gatnaşyklarda oňyn netijeler gazanyldy.

Ulag-logistika pudagy hem hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan "Hazar deňzi – Gara deňiz", "Lapis Lazuli", "Ýaşyl" port ýaly taslamalary durmuşa geçirmäge we ösdürmäge gyzyklanma bildirýär.

Hormatly Prezidentimiz häzirki günde ýurtlarymyzyň türkmen-gruzin hyzmatdaşlygyny özara talaplara we mümkinçiliklere laýyk gelýän hil taýdan täze derejä çykarmak üçin ýeterlik kuwwata eýediklerini belledi.

**Paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň hem-de ýurdumyza resmi sapar bilen gelen Gruziýanyň Premýer-ministri Irakliý Kobahidzäniň arasynda gepleşikler geçirildi. Bu duşuşyk netijeli döwletara dialoga täze itergi bermäge hem-de hyzmatdaşlygyň bar bolan kuwwatyny nazara almak bilen, ony täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga gönükdirilendir.**

Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň parahatçylyk döredijilikli başlangyçlaryny durmuşa geçirmekde Gruziýanyň goldawyna ýokary baha berilýändigini nygtady. Şol başlangyçlaryň biri-de 2025-nji ýyly "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýip yglan etmek baradaky teklipdir. Bu teklip BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2024-nji ýylyň 21-nji martynda kabul eden Kararnamasy arkaly berkidildi.

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna bagyşlanan ýokary wekilçilikli forumyň geçiriljekdigini we onuň taryhy sene – Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmeginiň 30 ýyllygy bilen gabat gelýändigini belledi hem-de Premýer-ministr Irakliý Kobahidzäni bu ýokary derejeli çärä gatnaşmaga çagyrdy.

Irakliý Kobahidze syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň netijeli häsiýetini belläp, ulag-logistika, energetika pudaklarynda taslamalary durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şeýle hem şu gün iki ýurduň wekiliýetleriniň duşuşygynda gol çekiljek ikitaraplaýyn resminamalaryň türkmen-gruzin hyzmatdaşlygyny ösdürmäge täze itergi berjekdigi nygtaldy.

Döwletara hyzmatdaşlygyň meseleleriniň giň toplumy boýunça pikir alyşmagyň dowamynda özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlary kesgitlenildi.

* * *

Gruziýanyň Premýer-ministriniň Türkmenistana resmi saparynyň çäklerinde iki ýurduň wekiliýetleriniň arasynda gepleşikler geçirildi. Söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň mümkinçilikleri barada pikir alşyldy. Bu ulgamda gatnaşyklary diwersifikasiýalaşdyrmak, özara haryt dolanyşygynyň möçberini artdyrmak, işewür düzümleriň arasyndaky gatnaşyklary işjeňleşdirmek, täze bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak üçin giň mümkinçilikler bar. Şunuň bilen baglylykda, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-gruzin hökümetara toparynyň alyp barýan işiniň ähmiýeti bellenildi.

Gepleşikleriň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekildi. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Gruziýanyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2025-2026-njy ýyllarda hyzmatdaşlyk Maksatnamasy; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gruziýanyň Hökümetiniň arasynda gümrük meselelerinde hyzmatdaşlyk we özara administratiw ýardam hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gruziýanyň Hökümetiniň arasynda ösümlikleri goramak babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti we Gruziýanyň Sport ministrliginiň arasynda sport babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.

# TÜRKMENISTANYŇ WE GRUZIÝANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLERINIŇ DUŞUŞYGY GEÇIRILDI

Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Gruziýanyň Premýer-ministriniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň düzüminde Türkmenistana gelen Gruziýanyň daşary işler ministri hanym Maka Botçorişwiliniň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň başynda taraplar ýokary derejedäki gatnaşyklaryň, hususan-da Gruziýanyň Premýer-ministri Irakli Kobahidzeniň häzirki wagtda Türkmenistana amala aşyrýan saparynyň döwletara gatnaşyklary ösdürmekde möhüm orny eýeleýändigini nygtadylar.

Ministrler iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň ikitaraplaýyn görnüşde we halkara guramalaryň, ilkinji nobatda BMG-niň çäklerinde işjeň



ösdürilýändigini kanagatlanma bilen bellediler. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasyna laýyklykda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýlip yglan edilen şu ýylyň dowamynda geçirilmegi meýilleşdirilýän bilelikdäki çäreler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Taraplar işjeň dialogyň hem-de edara ýolbaşçylary we bölüm müdirleri derejesinde geçirilýän yzygiderli geňeşmeleriň üsti bilen daşary syýasat edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy dowam etmäge ygrarlylygy beýan etdiler.

Şol bir wagtda ministrler Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Gruziýanyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2025-2026-njy ýyllarda hyzmatdaşlyk etmek boýunça Maksatnama gol çekdiler.

## OGULJAHAN ATABAÝEWA: SAGDYN ÝAŞ NESLI KEMALA GETIRMEK DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK ÜNS MERKEZINDE



**Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa degişli ýolbaşçylar bilen täze şäheriň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde alnyp barylýan işler barada pikir alyşdy. Şeýle hem bu ýerde gaznanyň işini mundan beýläk-de ýokary derejede ýola goýmak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.**

2

## TÜRKMENISTAN-ÝUNISEF: 11 RESMINAMA GOL ÇEKILDI



**2025-nji ýylyň 6-njy martynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde ýurdumyzyň degişli ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň we Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekilhanasynyň arasynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekişmek dabarasy geçirildi.**

2

## EÝRAN: TÜRKMENISTANYŇ GAZY TÜRKIÝÄ IBERILIP BAŞLANDY




**Eýran Yslam Respublikasy Türkmenistan-Türkiýe tebigy gaz eksportunyň başlanandygyny habar berdi. Eýranyň nebit ministri Muhsin Paknejad Yragyň elektrik energetika ministri Ziad Ali Fadhil bilen geçiren duşuşygynda bu barada belläp geçdi. Bu barada Eýranyň "Irna" habarlar gullugy habar berýär.**

3



# GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ “EURONEWS” TELEÝAÝLYMYNA INTERWÝUSY

Ýakynda dünýäniň millionlarça teletomaşaçysyny syýasy, ykdysady, medeni we beýleki ugurlarda bolup geçýän wakalar bilen dürli dillerde dessin tanyşdyrýan «Euronews» telekompaniýasynyň döredijilik topary ýurdumyzda saparda boldy we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu abraýly telekompaniýanyň habarçysy Loro Bakwelliniň sowallaryna jogap berdi.

**Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän özgertmeleriň netijesinde ýurdumyz dünýäniň syýasy-ykdysady, medeni-ynsanperwer, maglumat giňişliginde eýeleýän ornuny barha pugtalandyrýar. Halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde meşhur köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen hem gatnaşyklar işjeňleşdirilýär.**

Gahryman Arkadagymyz söhbetdeşlikde ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny, dünýä gün tertibiniň üns merkezinde durýan suw, energetika meseleleri, ählumumy hem sebit hyzmatdaşlygy barada Türkmenistanyň garaýyşlaryny beýan etdi. Milli Liderimiziň iri telekompaniýanyň habarçysy bilen söhbetdeş bolmagy dünýä bileleşigini Türkmenistana bolan ägirt uly gyzyklanmalarynyň, ýurdumyzyň öňe sürýän başlangyçlarynyň möhüm ähmiýete eýediginiň, döwletimiziň halkara abraýynyň barha belende galýandygynyň aýdyň güwäsidir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri dünýädäki wakalar, sebitdäki suw hyzmatdaşlygy, Owganystandaky ýagdaýlar, Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa gyzyklanmasy, energetika, “Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi” sammiti barada gyzyklandyrylan sowallara jogap berdi.

Hususan-da, Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa gyzyklanmasynyň artýan döwründe “Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi” sammiti babatda Gahryman Arkadagymyz şeýle diýdi:

- Häzirki döwürde Merkezi Aziýa dünýäniň parahatçylyk, howpsuzlyk, durnuklylyk şertlerinde ýaşamaga we ösmäge islegleri bolan örän möhüm sebitidir. Ol daşary ýurtly hyzmatdaşlary bilen deňhukuklylyk, özara bähbitlilik esasynda hyzmatdaşlyk edýär. Bu düzgünler Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we olaryň Liderleriniň özara gatnaşyklarynyň esasynda durýar. Häzirki döwürde olaryň arasynda içerki sebit dialogynyň hem-de hyzmatdaşlygyň netijeli usullary ýola goýuldy. Merkezi Aziýa hut şeýle garalmalydyr we Ýewropa Bileleşigi üçin özüne çekiji bolmalydyr. Elbetde, Ýewropa Bileleşiginiň ykdysady, ekologiýa, tehnologiýalar, emeli aň ulgamlarynda toplan tejribesi, gazanan üstünlikleri we mümkinçilikleri biziň ýurtlarymyz üçin peýdalydyr hem-de gyzyklydyr.

# OGULJAHAN ATABAÝEWA: SAGDYN ÝAŞ NESLI KEMALA GETIRMEK DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK ÜNS MERKEZINDE

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň direktory M.Öküzowa bu ýerde ýerine ýetirilýän işler barada giňişleýin maglumat berdi. Belenilişi ýaly, merkezde işleýän her bir lukmanyň, hünärmeniň öňünde durýan wezipeler anyk kesgitlenildi.

Maslahatyň dowamynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň bejeriş binasyna baryp gördi. Merkezde çagalaryň saglygyny dikeltmek boýunça ägirt uly işleriň alnyp barylýandygy hakynda habar berildi.

Körpe nesilleriň şadyýan owazlary bu ýerde guralan dabaraly çäre bilen utgaşdy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde bejergi alýan gyzjagazlara hormatly Prezidentimiziň adyndan Halkara zenanlar güni mynasybetli baýramçylyk sowgatlary gowşuryldy. Olar sowgatlary hoşallyk duýgusy bilen kabul edip, çaga kalbyndan çykýan sagbolsunlaryny beýan etdiler.

Şeýle hem merkezde bejergi alýan çagalaryň hemmesine Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň we Milli Liderimiziň adyndan dürli sowgatlar gowşuryldy.

**Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi tarapyndan degişli döwürde alnyp barlan işler, merkezde döredilen mümkinçilikler, bejergi alýan çagalaryň saglyk ýagdaýy baradaky meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.**



Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýardam bermeginde operasiýa geçirilen çagalaryň bu ýerde degişli dikeldiş bejergilerini alýandyklary barada aýdyldy.

Şu ýyl ynsanperwer ýörelgeleri esasy ugur edinýän gaznanyň döredilmegine 4 ýyl bolýar. Şoňa görä, maslahatda bu şanly sene mynasybetli guraljak çäreler boýunça özara pikir alyşmalar boldy.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti hem häzirki döwürde sagdyn ýaş nesli kemala getirmegiň döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýandygyna ünsi çekdi.

Soňra O.Atabaýewa Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň çagalar bakja-bagyna baryp gördi. Merkeziň ýolbaşçysy çagalar bakja-bagynda döredilen şertler, binalaryň enjamlaşdyrylyşy, bu ýerde körpeler barada edilýän aladalaryň netijeleri hakynda giňişleýin maglumat berdi.

Soňra O.Atabaýewa Gurbanguly

# TÜRKMENISTAN-ÝUNISEF: 11 RESMINAMA GOL ÇEKILDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Dabaranyň dowamynda Türkmenistanyň we BMG-niň arasynda ykdysadyýet, saglygy goraýyş, bilim, habar beriş serişdeleri hem-de beýleki möhüm ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk etmek boýunça aşakdaky 11 sany resminama gol çekildi:

- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Mejlisi bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*
- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*
- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Baş prokuraturasy bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*
- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*
- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*
- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*
- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*
- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*




- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*
- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy;*
- ☑ *Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistan boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti we Türkmenistanyň Zenanlar bileşigi bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy.*

# 4 ÝURDUŇ NEBIT KOMPANIÝALARYNYŇ ÖZARA HYZMATDAŞLYGY

Baku şäherinde Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew Gazagystanyň "KazMunaýGaz" kompaniýasynyň ýolbaşçysy Ashat Hasanow, Tatarystanyň "Tatneft" kompaniýasynyň ýolbaşçysy Nail Maganow hem-de "Uzbekneftegaz" kompaniýasynyň ýolbaşçysy Bahodiržon Sidikow bilen duşuşdy.

Azerbaýjanyň Lideri köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze tapgyrynyň başlandygyny aýtdy. Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Russiýanyň we Özbegistanyň nebit kompaniýalarynyň arasynda işjeň gatnaşyklar ýola goýuldy we ikitaraplaýyn görnüşde birnäçe taslamalar durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, özara tagallalary birleşdirmegiň ähmiýetine ünsi çekildi. Şeýle hem Aliýew dörttaraplaýyn bilelikdäki önümçilik boýunça hyzmatdaşlyk etmegiň ähmiýetini belledi.



Duşuşygyň dowamynda hyzmatdaşlygyň täze görnüşiniň geljegi barada pikir alşyldy we bu ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň mundan beýläk-de giňelmegine goşant goşjakdygyna umyt bildirildi. Bu formatyň adatdan daşary ýagdaýlary aradan aýyrmak, sanly tehnologiýalar we programma üpjünçiligi ugurlaryndaky işleriň utgaşdyrmak, şeýle hem senagatyň dürli pudaklarynyň ösdürmek üçin möhüm meýdança boljakdygy bellenildi.

Şeýle hem 4 ýurduň nebit kompaniýalarynyň arasynda dörttaraplaýyn we ikitaraplaýyn şertnamalara gol çekildi. Taraplar sanly tehnologýalar we senagat howpsuzlygy ýaly ulgamlarda hyzmatdaşlyk etmek babatdaky degişli ylalaşyklary baglaşdylar.

# TÜRK HÜNÄRMENI: TÜRKMEN TEBIGY GAZY GLOBAL ENERGETIKA DEŇAGRAMLYLYGYNA TÄSIRINI ÝETIRÝÄR

Türkmenistanyň tebigy gazynyň Türkiýä ýetirilmegi, türk dünýäsiniň ykdysady we strategik geljegi üçin möhüm ädim hökmünde häsiýetlendirilýär. Bu ädim, iki ýurduň arasyndaky täze döwri alamatlandyrýar.

"EkoAvrasiya" gaznasynyň Geňeşiniň başlygy Dr. Hikmet Eren, Türkmenistanyň tebigy gazynyň Türkiýä ýetirilmeginiň türk dünýäsiniň ykdysady integrasiýasyny güýçlendirjekdigini we global energiýa bazarlarynyň deňagramlylygyny täsir edip biljekdigini belleýär.

Ereniň bellemegine görä, Türkmenistan dünýäniň iň uly tebigy gaz gorlaryna birine eýe bolup, bu mümkinçiligiň Türkiýe bilen strategik hyzmatdaşlyk çäginde ulanylmagy, türk dünýäsiniň ykdysady we energiýa howpsuzlygyny güýçlendirjek möhüm ädimdir.



Şeýle hem, Eren energiýanyň diňe bir söwda elementi bolman, ösüşiň esasy dinamikasydygyny nygtaýar.

Bu taslama, Merkezi Aziýa bilen Anadolyň arasyndaky taryhy umumylyklaryň energiýa esasly täze bir gözýetim bilen güýçlendirjän ädim hökmünde garalmalydyr. Bu ädim diňe ykdysady däl, syýasy we medeni taraplary bilen hem bahalandyrylmalydyr. Türkmen gazynyň Türkiýä ýetirilmegi diňe bir energiýa çeşmeleriniň iberilmegi bolman, umumy geljegimiziň ykdysady, strategik we diplomatik esaslarynyň berkemegini aňladýar. Bu ädim, Türkiýäniň global energiýa dünýäsindäki ornuny güýçlendirip, türk dünýäsiniň umumy maksatlaryna ýetmegini üpjün etjek hemişelik gazanylan netije bolar.

# EÝRAN: TÜRKMENISTANYŇ GAZY TÜRKIÝÄ IBERILIP BAŞLANDY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ozal habar berşimiz ýaly, Türkiýe Respublikasynyň energetika we tebigy serişdeler ministri Alparslan Baýraktar şu ýylyň 1-nji martyndan Türkmenistanyň tebigy gazy Eýranyň üsti bilen Türkiýä iberilip başlanjakdygyny habar beripdi.

Alparslan Baýraktar Türkmenistandan satyn alynjak tebigy gaz bilen 1,5 million hojalygyň zerurlyklarynyň kanagatlandyryljakdygyny aýdypdy.

1998-nji ýylda başlanan Türkiýe bilen Türkmenistanyň arasynda tebigy gaz gepleşikleriniň 27 ýyldan soň tamamlanandygyny belläpdi.

2024-nji ýylyň martynda türkmen halkynyň Milli Lideriniň Antalýa diplomatiýa forumyna gatnaşmak üçin Türkiýe Respublikasyna amala aşyran saparynyň çäklerinde Türkiýäniň Prezidenti bilen netijeli duşuşyklar geçirendigini aýdyp, şol duşuşykda iki ýurduň arasynda tebigy gaz hyzmatdaşlygy babatda möhüm ylalaşygyň gazanylandygy belledi.



Soňra bolsa, "Türkmengaz" döwlet konserni bilen "BOTAŞ" kompaniýasynyň arasynda degişli şertnamanyň baglaşylandygy bellenilip geçildi.

Türkmenistan bilen gazanylan bu ylalaşygy ýene-de 5 ýyl uzaltmagy maksat edinýändiklerini bellän Baýraktar türkmen gazynyň swap usuly bilen Eýranyň üsti bilen geljekdigini nygtapdy.

Türkmenistanyň Döwletabat-Sarahs-Hangeran tebigy gaz geçirijisi arkaly Eýrana geljek Türkmenistanyň tebigy gazy swap arkaly Türkiýä iberilýär.

Eýran-Türkiýä tebigy gaz geçiriş nokadyndaky Gürbulak sebitinden tebigy gaz kabul edilip alnar we Türkiýede ulanylyp başlanýar.

# ÖZBEGISTANDA ÜÇÜNJI TÜRKMEN-ÖZBEK SEBITARA FORUMYNY GEÇIRMEK TEKLIP EDILDI

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde, Türkmenistan halkara söwda gatnaşyklaryny ösdürmek ugrunda möhüm ädimleri ädip, goňşy döwletler bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrýar. 2025-nji ýylyň 27-nji fewralynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň ýolbaşçysy Özbegistan Respublikasynyň Türkmenistandaky täze Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rawşanbek Alimow bilen duşuşdy.



Duşuşygyň başynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň ýolbaşçysy M. Gurdow Özbegistan Respublikasynyň Türkmenistandaky täze Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rawşanbek Alimowy täze wezipesi bilen gutlady. Taraplar ikitaraplaýyn ykdysady hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek bilen baglanşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Duşuşykda Özbegistanyň ilçisi Türkmenistanyň eksport mümkinçilikleriniň giňdigini belläp, bilelikdäki kärhanalaryny döretmek boýunça teklip hödürledi. Şeýle-de Türkmenistanyň beýleki welaýatlarynyň Özbegistanyň goňşy sebitleri bilen söwda gatnaşyklaryny işjeňleşdirmegi barada pikir alyşmalar geçirildi. Bu bolsa iki ýurduň işewür toparlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da giňeltmäge we ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmaga gönükdirilendir.

Şeýle-de 2025-nji ýylyň dowamynda Özbegistanda Üçünji Türkmen-özbek sebitara forumyny geçirmek teklip edildi. Bu forum, işewürler üçin özara hyzmatdaşlygy giňeltmek, täze maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek hem-de iki ýurduň bazarlarynda bilelikdäki iş alyp barmak üçin uly mümkinçilikleri döreder.

Mundan başga-da ýylyň dowamynda Özbegistanda geçiriljek forumlara we halkara sergilere türkmen wekilýeti we işewürleri gatnaşmaga çagyryldy. Bu çäreler, ykdysady hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemekde we iki ýurduň telekeçileri üçin hyzmatdaşlyk mümkinçiliklerini artdyrmakda möhüm orun eýelär.

# TÜRKMEN WEKILIÝETI KATARDAKY SERGÄ GATNAŞÝAR

Türkmenistan we Katar döwletiniň arasynda syýasy we ykdysady hyzmatdaşlyk ösüşiň täze tapgyryna gadam goýdy. Iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek maksady bilen dürli derejedäki gepleşikler alnyp barylýar, bilelikdäki taslamalar durmuşa geçirilýär we söwda dolanyşygy barha giňeldilýär. 2025-nji ýylyň 1-10-njy



marty aralygynda Katar Döwletiniň Doha şäherinde geçirilen «Aziýa ýurtlarynyň maňyz we gurady miwe önümler» atly halkara sergisine türkmen wekilýetiniň gatnaşmagy iki döwletiň söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň täze mümkinçiliklerini açdy.

2025-nji ýylyň 3-nji martynda Kataryň Söwda-senagat edarasynyň binasynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň wekiliýeti bilen resmi duşuşyk geçirildi. Iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady we işewür gatnaşyklary pugtalandyrmak, şeýle hem iki döwletiň arasynda gol çekilen Özara düşünişmek hakynda Ähtnamany iş ýüzünde durmuşa geçirmek duşuşygyň esasy maksady boldy. Taraplar Türkmenistanyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak, Kataryň işewür toparlary bilen göni gatnaşyklaryň ýola goýulmagy we bilelikdäki taslamalaryň amala aşyrylmagy boýunça meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Türkmen wekiliýetiniň bu sapary iki döwletiň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň täze tapgyrynyň başlangyjy boldy. Özara düşünişmek hakynda Ähtnama durmuşa geçirmek boýunça anyk çäreler kesgitlenip, türkmen önümleriniň Kataryň bazarynda orun almagy üçin ilkinji ädimler ädildi. Geljekde bu hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi Türkmenistanyň eksport mümkinçilikleriniň artmagyna we Kataryň işewür toparlary bilen göni gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna itergi berer.

# ÝEWROPA BILELEŞIGINIŇ MERKEZI AZIÝA BOÝUNÇA ÝÖRITE WEKILINIŇ TÜRKMENISTANA ILKINJI SAPARY

Ýakynda bellenilen Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa boýunça Ýörite wekili (ÝBÝW), ilçi Eduard Stipraýs, 4-6-njy mart aralygynda Türkmenistana iş saparyny amala aşyrdy. Jenap Stipraýs wezipesine bellenilenden üç gün soň Aşgabada geldi we bu, Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistan hem-de Merkezi Aziýa bilen özara gatnaşyklara ýokary baha berýändigini görkezdi.

Saparynyň dowamynda, jenap Stipraýs ÝB bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň, sebitleýin durnuklylygyň we köptaraplaýyn özara gatnaşyklaryň esasy jähtlerini ara alyp maslahatlaşmak üçin ýokary derejede birnäçe duşuşyklary geçirdi. Ol, ykdysady gatnaşyklara, howpsuzlyk meselelerine we sebitleýin hyzmatdaşlyga aýratyn üns berip, ÝB bilen Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýyny we mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň başlygynyň orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen duşuşdy. Türkmenistanyň Mejlisiniň başlygy D.Gulmanowa bilen duşuşygyň dowamynda, ikitaraplaýyn gyzyklanma bildirilýän ugurlarda Türkmenistanyň kanuny başlangyçlary we parlamentara hyzmatdaşlyk ara alyp maslahatlaşyldy.

Mundan başga, ÝBÝW BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenko bilen duşuşyk geçirdi we onuň dowamynda, BMG bilen ÝB-niň ýurtdaky hyzmatdaşlygyny hem-de durnukly ösüş ugrunda bilelikdäki tagallalary ara alyp maslahatlaşdy. Aşgabat şäherindäki ÝHHG Merkeziniň ýolbaşçysy, ilçi Jon S. MakGregor bilen duşuşyk, Merke-



zi Aziýada ÝB bilen ÝHHG-nyň arasyndaky güýçlendirilen hyzmatdaşlyk üçin sebitleýin howpsuzlyk synaglaryna we mümkinçiliklerine bagyşlanyldy. Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýa boýunça BMG-niň Sebitleýin merkeziniň (UNRCCA) ýolbaşçysy Kaha Imnadze bilen gepleşikleriň dowamynda, taraplar dawalary ýatyrmak boýunça köptaraplaýyn çemeleşmeleri we durnuklylygy üpjün etmekde sebitleýin guramalaryň ornuny ara alyp maslahatlaşdylar.

# TÜRKMENISTAN MALAÝZIÝADAKY HALKARA SERGÄ TAÝÝARLYK GÖRÝÄR

2025-nji ýylyň 28-nji fewralynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda edaranyň ýolbaşçysy bilen Malaýziýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Mohd Suhaimi Bin Ahmad Tajuddiniň arasynda iki ýurduň söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny ösdürmek maksady bilen duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň başynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň ýolbaşçysy Aziýa – Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmek boýunça zerur işleriň yzygiderli durmuşa geçirilýändigini belläp geçdi.

Şeýle hem 2024-nji ýylyň 18-19-njy dekabrynda Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Malaýziýa amala aşyran resmi saparynyň dowamynda iki ýurduň arasyndaky özara bähbitli söwda-ykdysady hem-de işewür hyzmatdaşlygy kämilleşdirmek ugrunda birnäçe wajyp resminamalara, şol sanda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen Malaýziýanyň Halkara söwda-senagat edarasynyň we Milli söwda-senagat edarasynyň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilip, olaryň geljekde hem türkmen-malaý söwda gatnaşyklarynyň mümkinçiliklerini has hem giňeltmekde, ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmakda badalga bolandygy nygtaldy.



Duşuşygyň dowamynda 2025-nji ýylyň 23-24-nji apreli aralygynda Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherinde geçiriljek Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forumyň guramaçylyk meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bu forum iki ýurduň işewür toparlarynyň özara gatnaşyklaryny ösdürmek we täze maýa goýum mümkinçiliklerini döretmek üçin möhüm ähmiýete eýe bolar.

# AFK-NYŇ ÇAGYRYŞ LIGASY: “ARKADAG” TOPARY “EAST BENGAL” TOPARYNY ÝEŇDI



Ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» futbol topary AFK-nyň Çagyryş ligasynyň çäklerinde çärýek final tapgyrynda Hindistanyň “East Bengal” futbol topary bilen duşuşdy. Duşuşyk Hindistanyň Kalkutta şäherindäki “Vivekananda Yuba Bharati Krirangan” stadionynda geçirildi.

Duşuşyk 1:0 hasabynda ýurdumyzyň çempiony “Arkadag” toparynyň peýdasyna tamamlandy. Duşuşygyň ýeke-täk goluny 11-nji minutda Ýazgylyç Gurbanow geçirdi.

Toparlaryň nobatdaky duşuşygy geljek hepde Türkmenistanda oýnalar.

2023-nji ýylyň aprelinde döredilen “Arkadag” topary täze klubdygyna garamazdan, geçen döwürde gazanan üstünlikleri bilen halkara abraýa eýe boldy. Merkezi Aziýanyň ýeke-däk “akylly” şäheri bolan “Arkadag” şäheriniň adybir “Arkadag” topary 2023-nji we 2024-nji ýyllarda Türkmenistanyň çempiony bolmagy başardy.

Şeýle hem topar Türkmenistanyň kubogyny hem gazanmagy başardy.

# RUS HOKKEÝÇI OWEÇKIN TARYHY REKORDYNA GOLAÝLAÝAR

Russiýaly hüjümçi Aleksandr Oweçkin Milli hokkeý ligasynda geçiren gollarynyň sanyny 885-ä ýetirdi. Ol kem-kemden kanadaly hokkeýçi Ueýn Gretskiniň rekordyna golaýlaýar.



“Waşington” toparynyň kapitany rus hokkeýçi “Nýu-Ýork Reýnžers” topary bilen geçirilen duşuşykda hem tapawutlanmagy başardy.

39 ýaşyndaky Oweçkin kanadaly türgen Gretskiniň 894 gollyk taryhy rekordyny gaýtalamaga golaýlaýar. Oweçkiniň rekordy gaýtalamak üçin 9, rekordy öz adyna geçirmek üçin bolsa, 10 gol galdy.

Şu möwsümde Oweçkin geçiren duşuşyklarynda 32 gezek tapawutlandy.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ KIÇI SEÝILGÄHI

Ýaponiýanyň paýtagty Tokio şäheriniň eteginde dünýäniň iň kiçi seýilgähi ýerleşýär. Onuň meýdany 0.24 inedördül metr bolup, “A3” ululygyndaky 2 sany kagyza deňdir. Bu barada Ginnesiň rekordlar kitaby habar berýär.



Muny Ginnesiň rekordlar kitaby tassyklady. Seýilgäh 1988-nji ýylda döredildi. Onuň döretmek pikiri ýerli ýaşaýja degişli bolup, ol muny ABŞ-a amala aşyran gezelenjinde Oregon ştatyndaky “Mill Ends Park” seýilgähi görüp, öz şäherçesinde hem şeýle seýilgäh döredipdir.

Seýilgäh ýoluň geçýän ýerinde ýerleşip, onda bir adamlyk kiçi stoljyk bolup, az-kem ot bar.

Bu ýer syýahatçylar üçin meşhur ýerleriň birine öwrülip, ol ýerde surata düşýärler. 2024-nji ýylyň 25-nji dekabrynda şäher seýilgähi hökmünde resmi derejesini aldy.

# TÜRKIÝE 2025-NJI ÝYLDA SYÝAHATÇYLYKDAN 64 MILLIARD DOLLAR GIRDEJÄ GARAŞÝAR

Türkiýe Respublikasynyň medeniýet we syýahatçylyk ministri Mehmet Nuri Ersoý: “2025-nji ýylyň ahyryna çenli 65 million syýahatçy we 64 milliard dollar girdeji gazanmak maksadyna ýetmegi maksat edinýäris” -diýip habarçylara beren beýanatynda habar berdi.

Medeniýet we syýahatçylyk ministri Mehmet Nuri Ersoý, “ITB Berlin” halkara syýahatçylyk sergisinde Türkiýäniň milli pawilýonynyň ýanynda metbugat wekilleriniň sowallaryna jogap berdi. Ministr eden çykyşynda 2024-nji ýylda 62,3 million syýahatçy we 61,1 milliard dollar girdeji gazanylandygyny belläp geçdi.

Ministriň bellemegine görä, 2024-nji ýylda Russiýadan 6.7 million, Germaniýadan 6.6 million we Angliýadan 4.4 million syýahatçy Türkiýede dynç aldy. 2025-nji ýylda hem bu görkezijileri gazanmagyň maksat edinilýändigi we häzirden rus tarapyndan 7 milliondan gowrak jahankeşdä garaşylýandygy bellenildi.



Ýurtda ýylyň ähli paslynda syýahatçylyk mümkinçiliklerini döretmek hem-de Türkiýäniň 81 welaýatynda gastronomiýa, taryhy we syýahatçylygyň beýleki ugurlaryny ösdürmek üçin degişli işler alnyp barylýar.

Türkiýä gelýän jahankeşdeleriň 70 göteriminiň uçar arkaly gelýändigini bellän ministr Nuri Ersoý, geljekde 100 million syýahatçy we 100 milliard dollar girdeji gazanmak maksady bilen, awiakompaniýalaryň kuwwatynyň artdyrylmalydygyny aýtdy.

# TÜRKMENISTAN BEÝIK BRITANIÝANYŇ KOWENTRI UNIWERSITETI BILEN HYZMATDAŞLYK EDER

Türkmen wekiliýetiniň Birleşen Patyşalyga amala aşyran saparynyň çäklerinde, Kowentri uniwersitetiniň ýolbaşçylary bilen duşuşyk geçirdi. Gepleşikleriň esasy ugurlary akademiki hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi, ýokary bilim ulgamynda tejribe alyşmak we öňdebaryjy bilim tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly boldy.




Wekiliýet Kowentri uniwersitetiniň Londondaky şahamçasyna baryp görmeginiň çäklerinde halkara standartlaryna laýyk gelýän bilim maksatnamalary bilen tanyşdy. Britan uniwersitetiniň wekilleri sanly tehnologiýalary okuw işine ornaşdyrylmak we senagat pudagy bilen gatnaşyklary ösdürmek boýunça birnäçe başlangyjy öňe sürdüler. Kowentri uniwersiteti dünýäniň abraýly Times Higher Education we QS Education Ranking sanawlaryna girýän ýokary okuw mekdebidir.

**ŞEÝLE HEM DUŞUŞYKDA BIRNÄÇE ANYK MESELELERE GARALDY:**

*◢ Türkmen talyplaryny uniwersitetiň halkara uçurymlar toruna we okuw platformasyna girmäge mümkinçiligini öwrenmek.*

*◢ Daşary ýurtly talyplara goldaw bermegiň meseleleri, şol sanda iňlis dili boýunça okuwlary guramak we Londonyň iri kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň esasynda iş bilen üpjünçilik meselelerini çözmek.*

*◢ Halkara marketing, sanly marketing we magluwmat seljermesi, global ykdysadyýet, bank işi we maliýe ýaly ugurlar boýunça magistr maksatnamalary.*

# “OSKAR” BAÝRAKLARYNYŇ GOWŞURYLYŞ DABARASY GEÇIRILDI

ABŞ-nyň Los-Anjeles şäherinde 97-nji gezek “Oskar” baýraklarynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Kino sungatynyň iň uly baýragy hasaplanýan “Oskar” baýragy ugrundaky bäsleşikde “Iň gowy film” baýragyna “Anora” çeper filmi mynasyp boldy. bu film birbarada “Oskar” baýragynyň 5 ugrunda birinji bolmagy başardy.



**KINO BAÝRAGYNYŇ ÝEŇIJILERINIŇ SANAWY:**

*Iň gowy film – «Anora»*

*Iň gowy režisssýor – Şon Beýker, «Anora»*

*Iň gowy erkek keşbi – Edrian Broud, «Brutalist»*

*Iň gowy zenan keşbi – Maýki Medison, «Anora»*

*Iň gowy ikinji keşpdäki aktýor – Kiran Kalkin, «Hakyky agyry»*

*Iki gowy ikinji keşpdäki aktrisa – Zoýa Saldana, «Emiliýa Peres»*

*Iň gowy hakyky ssenariýa – Şon Beýker, «Anora»*

*Iň gowy uýgunlaşdyrylan ssenariýa – Piter Strohan, «Konklaw»*

*Iň gowy animasiýa filmi – «Akym»*

*Iň gowy gysga göwrümli animasiýa filmi – «Kiparisiň gölgesinde»*

*Iň gowy daşary ýurt dilindäki film – «Men entek bärde»*

*Iň gowy montaž – «Anora»*

# LATWIÝA GAZANAN ILKINJI “OSKARYNY” BAÝRAM EDÝÄR

Latwiýaly režissýor Gints Zilbalodis “Oskar” baýraklarynyň 97-nji gezke geçirilýän gowşurylyş dabarasynda taryha girdi. Ol “Iň gowy animasiýa filmi” ugry boýunça baýraga mynasyp bolup, bu baýrak Latwiýanyň gazanan ilkinji “Oskar” baýragy boldy.

Ozal hem habar berşimiz ýaly, ABŞ-nyň Los-Anželes şäherinde geçirilen “Oskar” baýragynyň gowşuryluş dabarasynda “Anora” çeper filmi uly üstünlikere eýe boldy. Bu film 4 ugur boýunça baýraklara mynasyp boldy.

Bu dabarada Pribaltika döwletlerinden bolan Latwiýanyň “Akym” atly animasion filmi “Oskar” baýragynyň eýesi boldy.



Animasiýa filmi 2024-nji ýylda Kann kinofestiwalynda görkezildi. Soňra “Altyn globusda” iň gowy animasion film baýragyny gazandy. Şeýle hem Ýewropanyň birnäçe kinofestiwallarynda baýraklary gazandy.

Latwiýanyň Premýer-ministri Ewika Silinýa “Akym” atly animasion filmiň gazanan üstünligi bilen gutlady. Ol öz jemgyýetçilik torunda: “Filmiň esasy gahrymanlaryndan biri bolan pişigiň tutuş dünýäde adamlaryň göwnüni tabyn etmegi başarýar” diýip, belledi.

Film pişik we käbir haýwanlaryň suw joşgunyndan halas bolmagy bilen baglanyşykly başdan geçirýän wakalaryny açyp görkezýär.

# SAUD ARABYSTANYDA EMELI AŇ MÜMKINÇILIKLI HOWA MENZILI GURLAR

Emeli aň ulgamy kem-kemden durmuşa giňden ornaşmaga başlady. Halk hojalygynyň ähli ugurlary bilen bir hatarda hyzmat pudagynda hem bu ulgamy ornaşdyrmak işiniň gerimi giňeldilýär.

Saud Arabystanyň Er-Riýad şäherinde guruljak täze howa menziliniň hyzmatynda emeli aňyň mümkinçiliklerinden peýdalanylar. “KSA MicroLiving Airport” iň döwrebap howa menziliniň taslamasy “MC Studios” kompaniýasy tarapyndan emeli aňyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp taýýarlandy.



Howa menzili 30 inedördül kilometr meýdany eýeläp, 6 sany terminaldan ybarat bolar. Şeýle hem bina kaşaň kottežler we söwda zolaklary bilen üsti ýetiriler.

Häzirki zaman tehnologiýalary esasynda guruljak howa menzili 6 sany uçuş-gonuş zolagyna eýe bolup, ol hem menziliň geçirijilik kuwwatyny artdyrar.

“KSA MicroLiving Airport” taslamasy Er-Riýad şäherini 2030-njy ýylda global logistika merkezine öwürmäge ýardam eder.

# GAZAGYSTANDA BMG-NIŇ SEBITLEÝIN EDARASY DÖREDILDI

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Gazagystanyň Almaty şäherinde BMG-niň Merkezi Aziýa we Owganystan üçin durnukly ösüş maksatlary boýunça sebit merkezini döretmek baradaky kararnama kabul edildi. 152 döwlet bu kararnamanyň awtordaşy bolup çykyş etdi.

Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew BMG-niň Baş Assambleýasynyň 74-nji mejlisinde şeýle merkezi döretmek başlangyjy bilen çykyş edipdi.



Merkez halkara we sebitleýin tagallalary utgaşdyrmak, öňdebaryjy tejribäni paýlaşmak, tehniki kömek we bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin esasy meýdança öwrüler. Takyk we ölçenip boljak netijelere ýetmek üçin hökümetler, halkara guramalary, hususy pudak we raýat jemgyýeti bilen ýakyndan iş alnyp barlar.

# MOSKWANYŇ HAÝWANAT BAGYNYŇ REKORDY

Moskwanyň haýwanat bagy haýwanlaryň görnüşleriniň sany boýunça dünýä rekordyny goýdy – haýwanat bagynda haýwanlaryň 1253 görnüşi bar. Bu barada edaranyň baş müdiri Swetlana Akulowa habar berdi. “Moskwanyň haýwanat bagy haýwanlaryň görnüşleriniň sany boýunça dünýä rekordyny goýdy. Resmi taýdan dünýädäki haýwanat baglarynyň arasynda haýwanlaryň görnüşleriniň iň uly ýygyndysynyň rekordy goýduk. Haýwanat bagymyzda haýwanlaryň 1253 görnüşi bolup, planetanyň dürli künjeklerinden seýrek, ýitip gitmek howpy abanýan we ekzotik haýwanlaryň ýygyndysy bar.” – diýip, Akulowa belledi.



Baş direktor Moskwanyň haýwanat bagynyň diňe haýwanlary synlamak üçin bir ýer däldigini, biodürlüligi öwrenmek we gorap saklamak üçin ylmy barlag hyzmatyny amala aşyraýn merkezidigini belläp geçdi.

cmyk